# Sen hem bahar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Sen hem bahar SEN HEM BAHAR

1

Bahar geldi
agaçlar täze lybas
geýnip öňküsinden gözelleşer has!

2

Bahar geldi
doňup ýatan çeşmeler,
seniň täsin zülpüň kimin çöşlener!

3

Bahar geldi
gözleň öňküden nurly,
olar meni telbe etmekçi borly!

4

Bahar geldi
ýaňaklaryň ot deý – al,
öpsem, dodagymy ýakmagy ahmal!

5

Bahar geldi
uçsam diýýär gaşlaryň,
goşlarly içine garlawaçlaryň!

6

Bahar geldi
dodaklaryň ýylgyrýar,

diýjek sözün diýip bilmän, ýygşyrýar.

7

Bahar geldi
beýle gelmändi heniz,
bahar saňa, ýa sen bahara keniz!

8

Bahar geldi
dumanladyp serimi,
sen şol öňki gyzmy, ýa-da perimi?!

9

Bahar geldi
dörjäp ýüregmiň törün,
oňa yşk nahalyn oturdyp ýörün!

Hemra ŞIROW. Goşgular